# «Ýatlamarsyñ meni gowy günüñde…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Ýatlamarsyñ meni gowy günüñde…" «ÝATLAMARSYÑ MENI GOWY GÜNÜÑDE…»




*«Bir gün meni ýatlarsyñ…»*
***(Aýdymdan)***
Ýatlamarsyñ meni gowy günüñde
Her kes degre daşyñ gallap duranda.
Durmuşuñdan razy, işleñ oñ bolup,
Göwnüñ belentlerde galgap duranda.

Işleriñ rowandyr, söýgiñem ýetik.
Arkañda doganlañ, bardyr dost-ýaryñ.
Wezipäñ eliñde, demiñ daş üwäp,
Göýä göbegisiñ tutuş ýer şaryñ.

Ýöne ýollar birsydyrgyn däl ahyr
Bolar señem bir büdürän pursatyñ.
Ana, şonda men ýadyña düşerin,
Awar bir ýer jümmüşinde gursagyñ.

Ýöne giç bor

Gözläp meni tapmarsyñ
Ahmyr dolar gözleriñde sil bolar.
Seni söýen biri saña ömürlik
Da:ş bolar, natanyş biri,
Il bolar.

Zöhre ÖWEZOWA.

Stambul, 28.12.2022 ý. Goşgular